**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!**

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

METBUGAT – ELEKTRON GAZETI
ELECTRONIC NEWSPAPER

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty.

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№27 (110) 2024-nji ýylyň 31-nji oktýabry.



## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**21-nji oktýabrda** Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde 2024 — 2029-njy ýyllar üçin Türkmenistanyň Halkara Atom Energiýasy Agentliginiň Ýurt boýunça çarçuwaly meýilnamasyny işläp düzmek boýunça iş toparynyň nobatdaky mejlisi geçirildi.

* * *

**23 – 25-nji oktýabr** aralygynda Söwda-senagat edarasynda «Türkmengaz», «Türkmennebit» döwlet konsernleriniň, «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasynyň guramagynda «Türkmenistanyň nebiti we gazy — 2024» atly XXIX halkara maslahat we sergi geçirildi.

* * *

**24-nji oktýabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Kazan şäherinde ilkinji gezek giňişleýin düzümde geçirilen «BRICS goşmak»/«autriç» formatyndaky XVI BRICS sammitine hormatly myhman hökmünde gatnaşdy.

* * *

**24-nji oktýabrda** Kazan şäherinde iş saparynyň dowamynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanow, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterriş bilen duşuşyk geçirdi.

* * *

**24-nji oktýabrda** BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 25-nji plenar mejlisi geçirildi. Mejlisiň dowamynda Türkmenistanyň başlangyjy esasynda hödürlenen «Merkezi Aziýa — parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi.

* * *

**25-nji oktýabrda** hormatly Prezidentimiz sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşynyň birnäçe meselelerine garaldy. Mejlise türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow hem gatnaşdy.

* * *

**25-nji oktýabrda** BMG-niň Aşgabat şäherindäki wekilhanasynda BMG-niň Tertipnamasynyň güýje girmeginiň 79 ýyllygyna bagyşlanan çäre geçirildi.

### Syýasy habarlar

Çäräniň dowamynda Türkmenistanyň BMG-niň ynsanperwer maksatlarynyň durmuşa geçirilmegine goşant goşmagy dowam etdirjekdigi tassyklandy.

* * *

**27-nji oktýabrda** Türkmen alabaýynyň baýramy mynasybetli paýtagtymyzda Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň IV mejlisi geçirilip, onda assosiasiýanyň düzümine täze agzalar kabul edildi. Şeýle-de ýurdumyzyň iň gowy itşynaslaryna «Türkmenistanyň at gazanan itşynasy» diýen hormatly at dakyldy.

* * *

**28-29-njy oktýabrda** Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň degişli ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda kiberhowpsuzlyk boýunça geňeşmeler geçirildi.

* * *

**28-nji oktýabrda** Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde wise-premýer, daşary işler ministri Raşid Meredow bilen ABŞ-nyň Döwlet departamentiniň Adam söwdasyna gözegçilik etmek we oňa garşy göreşmek boýunça müdirliginiň aýratyn tabşyryklar boýunça ilçisi Sindi Daýeriň arasynda duşuşyk geçirildi. Duşuşygyň dowamynda taraplar halkara konwensiýalarynyň durmuşa geçirilmegi we ynsanperwer ugurda ählumumy kabul edilen kadalar bilen baglanyşykly birnäçe meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

*«Ýaş diplomatyň sesi».*

## «PARAHATÇYLYGYŇ ÝAŞ ÇAPARLARY»: IV möwsüme badalga berildi

2024-nji ýylyň 30-njy oktýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň IV möwsüminiň I saýlama oýny geçirildi.

Akyl-paýhas bäsleşiginiň IV möwsümi Bitarap Türkmenistan döwletimiziň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýörite Kararnamasy esasynda «2025-nji ýyl — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli «Bitarap Türkmenistanyň parahatçylygy döredijі diplomatiýasy: netijeli hyzmatdaşlygyň we durnukly ösüşiň ygtybarly guraly» atly umumy şygar astynda geçirilýär. Bu möwsümiň I saýlama oýny «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy: şöhratly taryhdan geljege tarap» atly tema bagyşlanyldy.



«Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň IV möwsüminiň I saýlama oýnuna Aşgabat şäherindäki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internatynyň 12-nji synp okuwçysy Sanjar Şöhradow, Aşgabat şäherindäki daşary ýurt dillerini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 74-nji «Bagtyýar nesiller» orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Maýsa Allanazarowa, Aşgabat şäheriniň iňlis dili we matematika derslerini çuňlaşdyryp öwredýän 49-njy orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Yhlas Agöýliýew, Aşgabat şäheriniň 98-nji orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Timur Maşaripow, Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň 46-njy orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Mähri Durdynazarowa, Balkan welaýatynyň Balkanabat şäheriniň 17-nji orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Kürmämmet Nobatow, Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 24-nji orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Arzuw Şyhyýewa, Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäheriniň takyk we tebigy ugurlara ýöriteleşdirilen 28-nji orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Aýgül Amangeldiýewa dagy gatnaşdylar.

Akyl-paýhas bäsleşiginiň IV möwsüminiň I saýlama oýnuna «Pähimdarlar geňeşiniň» agzalary hökmünde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň uly mugallymy, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty Begenç Karaýew, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň alym kätibi, taryh ylymlarynyň kandidaty Kakajan Janbekow, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Dünýä taryhy kafedrasynyň uly mugallymy Şamuhammet Akmyradow dagy adalatly eminlik etdiler.

Gyzgalaňly geçen bäsleşigiň netijelerine laýyklykda, Aşgabat şäheriniň iňlis dili we matematika derslerini çuňlaşdyryp öwredýän 49-njy orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Yhlas Agöýliýew we Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 24-nji orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Arzuw Şyhyýewa ýeňiş gazanmagy başardylar.

Ýeňijiler we bäsleşige gatnaşyjylar hemaýatkärler tarapyndan taýýarlanylan ýadygärlik sowgatlar bilen sylaglandylar. Şeýle-de olara institutyň adyndan Hormat hatlary gowşuryldy.

***Yhlas HALLYÝEW,***
*Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby, «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň I we II möwsümleriniň ýeňijisi.*

*«Ýaş diplomatyň sesi».*

# TURKMENISTAN – BRICS:

## NEW PROSPECTS FOR COOPERATION

**Under the leadership of our esteemed President, Arkadagly Hero Serdar, Independent, Permanently Neutral Turkmenistan is carrying out large-scale work to develop active ties with countries of the world, including international organizations. A clear indication of this is the fact that the esteemed President Serdar Berdimuhamedov made a working visit to the Republic of Tatarstan of the Russian Federation on October 23-24 and took part as an honorary guest in the 16th BRICS summit in the BRICS+/outreach format.**

The BRICS organization was founded in 2006 within the framework of the St. Petersburg International Economic Forum. Today, this organization has become one of the most prestigious organizations in the world. BRICS actively promotes cooperation between countries in the fields of economy, science, education, healthcare, culture and sports. Thanks to the efforts of the organization, the New Development Bank was created in 2015 to finance projects in the field of infrastructure and sustainable development. About 20 countries have applied to join BRICS by 2023, and in August 2023, six new members were approved: the Arab Republic of Egypt, the United Arab Emirates, Kingdom of Saudi Arabia, Islamic Republic of Iran, Federal Democratic Republic of Ethiopia and Argentina.

Sports should be mentioned as an important area of cooperation within the organization. The first BRICS Games were held in Kazan from 12 to 23 June, 2024, with athletes from all member countries taking part. The program was an important step in strengthening sports ties between the countries.

At the high-level meeting, the President of Turkmenistan spoke about the initiatives put forward by our country and the work carried out on priority areas of the summit agenda. During his speech, the Head of State especially mentioned the initiatives put forward in the area of promoting neutrality and preventive diplomacy. Arkadagly Hero Serdar spoke about the activities of our state in the area of general welfare. As a clear evidence of this, we can point to the activities of our country with the United Nations. The proposals put forward by our Hero Arkadag and Arkadagly Hero Serdar within the UN are warmly supported by countries of the world. This testifies to the high reputation of Turkmenistan in the world. During his speech, the Head of State paid special attention to the initiatives of Turkmenistan in the areas of economy, energy, sustainable transport, cooperation in the areas of ecology, culture, science and education.

It should be noted that the President of Turkmenistan held a meeting with UN Secretary General Antonio Guterres within the framework of the 16th BRICS summit held in Kazan. During the last meeting, the possibilities of expanding cooperation were discussed. As noted, being a neutral state, twice recognized by the UN, Turkmenistan pursues an active policy in the international space and has maintained fruitful relations with this organization and its specialized agencies for many years. Arkadagly Hero Serdar emphasized the importance of solving global problems of world development and once again confirmed the readiness of the Turkmen side to comprehensively expand and deepen the fruitful dialogue.

On October 24, during his working visit to Kazan, the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov met with the head of the Republic of Tatarstan of the Russian Federation Rustam Minnikhanov. During the meeting, the President of Turkmenistan was solemnly awarded the Order of Friendship of the Republic of Tatarstan for special merits in strengthening friendship and cooperation between Turkmenistan and the Republic of Tatarstan, other regions of the Russian Federation, as well as for his great contribution to the development of bilateral trade, economic, scientific, technical, social and cultural ties.

The participation of the Turkmen leader in the plenary session of the 16th BRICS summit as an honorary guest is a sign of the high international authority of our country and recognition of its active role in bilateral and multilateral cooperation with foreign partners.

***Muhammet SULEYMANOV,***
*the Lecturer of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.*

# Dünýäniň energetika bazarynda täze başlangyçlar

*Uglewodorod serişdeleriniň baý gorlaryna eýe bolan Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiz hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýangyç-energetika ulgamynda toplumlaýyn strategiýany yzygiderli durmuşa geçirýär. Şunuň bilen baglylykda, 23 — 25-nji oktýabrda paýtagtymyzdaky Söwda-senagat edarasynda «Türkmengaz», «Türkmennebit» döwlet konsernleriniň, «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasynyň guramagynda «Türkmenistanyň nebiti we gazy — 2024» atly XXIX halkara maslahatyň we serginiň geçirilmegi dünýäde energetika diplomatiýasyny ilerletmekde uly ähmiýete eýe boldy. Şu gezekki forum daşary ýurt kompaniýalarynyň, iri halkara guramalaryň, banklaryň wekilleriniň ýüzlerçesini bir ýere jemledi, 70-e golaý kompaniýa bolsa öz diwarlyklaryny ýaýbaňlandyrdy.*

Myhmanlar ýangyç-energetika toplumynda halkara, sebit we milli derejede senagatyň geljekki strategiýasyny kemala getirmäge gönükdirilen täzeçillikler, dünýäniň nebit bazaryndaky işleriň ýagdaýy, bu ulgamda marketing strategiýalary baradaky seljeriş-syn maglumatlary bilen tanyşdyryldy. Foruma gatnaşýan wekiliýetleriň düzüminiň ýyl-ýyldan barha giňelmegi dürli ýurtlaryň işewür toparlary tarapyndan Türkmenistan bilen netijeli gatnaşyklary ösdürmäge gyzyklanmanyň barha artýandygyna şaýatlyk edýär. Elbetde, bu ýurdumyzyň «Açyk gapylar» syýasaty, ähli̇umumy energetika howpsuzlygyny üpjün etmäge gönükdirilen netijeli başlangyçlar bilen şertlendirilýär.



Her ýyl geçirilýän bu forum Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Diýarymyzyň ýangyç-energetika toplumynyň gazananlaryny giňden tanyşdyrmak, ýurdumyzyň hem-de daşary ýurtlaryň hünärmenleriniň, Ýewropa, Aziýa, Amerika yklymlarynyň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň arasynda göni gatnaşyklary ýola goýmak, täze taslamalary işe girizmek, dünýädäki ýagdaýlar hem-de pudagyň geljekki ösüş ugurlary bilen tanyşmak üçin oňyn meýdança bolup hyzmat edýär.

«Türkmenistanyň nebiti we gazy — 2024» atly halkara maslahatda energetika bazarlarynyň ösüşindäki ähli̇umumy ýagdaýlar we hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri, daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek arkaly, Hazar deňziniň türkmen bölegini özleşdirmek boýunça ozaldan bar bolan nebit we gaz känlerini işläp taýýarlamak, täzelerinde gazyp almak işini işjeňleşdirmek, energetiki geçiş, innowasion tehnologiýalaryň hem-de adam maýasynyň eýeleýän orny, energetiki geçişde az uglerodly ýangyçdan peýdalanmak, metanyň, uglerodyň dioksidiniň zyňyndylaryny azaltmak, gazy ýer astynda saklamak we geotermal energiýa ýaly möhüm meselelere garaldy.

«Ähli̇umumy energetika bazarynda täze depginler we özara bähbitli hyzmatdaşlygyň geljegi» atly umumy mejlisde bellenilişi ýaly, şu gezekki maslahat energetika diplomatiýasynyň geljekki ösüşine, energetika söwdasynyň täze ugurlaryna, önümleriň bazar aýlanyşygynyň emele getirilmeginiň zerurlygyna baha bermäge, ileri tutulýan ugurlara gaýtadan seretmäge, energetika howpsuzlygy, daşky gurşawy goramak meselelerini çözmäge oňyn şert döredýär.

Ýurdumyzyň wekilleri öz çykyşlarynda kesgitlenen wezipeleriň çözgüdiniň daşary ýurt kompaniýalary — nebiti we gazy gaýtadan işleýän senagat üçin enjamlary öndürijiler, maýa goýum guramalary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek bilen gönüden-göni baglanyşyklydygyny nygtadylar. Şeýle hem türkmen tarapynyň wekilleri bu ulgamda hyzmatdaşlygy has-da giňeltmek boýunça teklipleri beýan edip, ýurdumyzdaky amatly maýa goýum ýagdaýynyň, salgyt ýeňillikleriniň Diýarymyzyň ýangyç-energetika toplumynyň gazyp alýan hem-de gaýtadan işleýän senagatyny ösdürmäge maliýe serişdelerini çekmek üçin amatly şertleri döredýändigini bellediler.

Halkara maslahata gatnaşyjylar «Türkmen tebigy gazynyň geljegi: täze eksport ugurlary we eksport ukyplary», «Tebigy gazyň — uglerody az ýangyjyň energetiki geçişdäki monetizasiýasy», «Energetiki geçiş: tehnologik innowasiýalaryň we adam maýasynyň orny», «Ýerasty gazyň saklanyşy we geotermal energiýa: iň oňat halkara tejribä syn», «Uglewodorod ýataklaryny özleşdirmekde ekologik jähetler: metanyň, uglerodyň dioksidiniň zyňyndylarynyň azaldylmagyny nygtamak» atly mowzuklaýyn mejlislerde meseleleriň giň toplumyny ara alyp maslahatlaşdylar.

Umuman, üstünlikli geçirilen bu forum energetika pudagyndaky derwaýys meseleleri çözmekde möhüm ähmiýete eýe boljakdygy ikuçsuzdyr.

***Sülgün NEPESOWA,***
*Halkara ykdysady gatnaşyklary kafedrasynyň mugallymy.*

2024-nji ýylyň
31-nji oktýabry

https://www.iirmfa.edu.tm

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

# YKDYSADY DIPLOMATIÝA XXI ASYRYŇ ŞYGARY BOLARMYKA?!

***Dünýä ösüşiniň tejribesi XIX asyra çenli diplomatlaryň, esasan, syýasat bilen meşgul bolandyklaryna şaýatlyk edýär. Taryhçylar şol döwrüň diplomatiýasyny ýygyýygydan küşt oýny bilen deňeşdirýärler, sebäbi her bir gatnaşyjy öz garşydaşyny utmaga çalşypdyr.***

XIX asyrda dünýä küşt tagtasynda harby güýç ähli zatdan ileri tutulypdyr. XX asyrda bolsa harby güýjüň üstüne ideologiýa hem goşulypdyr.

XX asyryň aýagyndan we XXI asyryň başyndan diplomatiýa ýene-de küşt tagtasyny ýatladyp başlady. Ýöne bu gezek oýunçylar, ozaly bilen, öz ykdysady bähbitlerini göz öňünde tutdular. Munuň özi halkara gatnaşyklaryň ýuwaş-ýuwaşdan ideologiýasyzlaşdyrylýan, dünýäniň bolsa ýeke-täk bazara öwrülýän şertlerinde doly tebigy zerurlygy aňlatdy.

Daşary syýasy oýlanmada ykdysady ugruň güýçlenmegini, meniň pikirimçe, esasan, ählumumy ykdysadyýetiň emele gelmegi, tehnologiýalaryň yzygiderli ösmegi ýaly hadysalar bilen düşündirse bolarmyka diýýärin. Bütin dünýäniň kompýuter torlary arkaly gurşalyp alynmagy habary ýaýratmagyň usullaryny düýpli özgerdýär.

Dünýä ýurtlarynyň, umuman, dünýäniň abadançylygynyň, belki-de, häzirkisi ýaly, ozal hiç haçan dünýä ykdysadyýetinden şeýle köp derejede garaşly bolan däldir. Belli hünärmenleriň pikirine görä, munuň özi globallaşmagyň iň gowy netijesi bolup durýar. Başga sözler bilen aýtsam, onda döwletler birleşiginde ol ýa-da başga ýurduň täsiri we orny, mundan buýana barha köp derejede onuň ykdysady we tehnologiýa taýdan ösüş derejesi, dünýä hojalygyna çekilişi bilen kesgitlener. Bu şertler eýýäm has öňräkden bäri kesgitleýji häsiýete eýe boldy.

Şol bir wagtyň özünde halkara ykdysady aragatnaşyklaryň okgunly ösüşini üpjün etmek ähli döwletleriň bähbitlerine laýyk gelýär. Sebäbi dünýä hojalyk gatnaşyklarynyň ösmegi diňe bir şol döwletleriň ykdysadyýetlerini kämilleşdirmek üçin däl, eýsem, bilelikde parahatçylygyň maddy binýadyny gurmak, adamzadyň ählumumy meselelerini çözmek üçin hem zerur bolup durýar. Şonuň üçin hem bu günki günde ähli serişdeler, şol sanda diplomatik serişdeler hem ykdysady bähbitleriň hyzmatynda goýulýar. Başgaça aýtsak, ençeme ýurtlarda diplomatlar söwda we ykdysady meselelere doly çekildiler.

Şu ýerde soňky wagtda häzirki zaman dünýäsinde dartgynlylygyň ösmegi bilen, halkara terrorçylyk, neşe serişdeleriniň we ýaraglaryň bikanun söwdasy, biologiki ýaraglaryň döredilmegi hem-de ýaýradylmagy ýaly ýaramaz hadysalaryň, wehimleriň ýüze çykýandygyny, munuň bolsa döwletleriň içerki durnuklylygynyň, söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň bozulmagyna getirýändigini hem belläp geçeliň. Şol bir wagtyň özünde hem halkara bileleşiginde we halkara jemgyýetçiliginde deňhukukly we özara bähbitli söwda-ykdysady gatnaşyklaryň ösdürilmegi ugrunda kanuny çykyşlar, hereketler barha güýçlenýär.

Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ykdysady ugry barada aýdanymyzda, biziň ýurdumyzyň deňhukukly hyzmatdaşlyk we özara peýda esasynda halkara ykdysady hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine döwletleriň we sebitleriň arasynda özara hereketi ýola goýmaklygyň, parahatçylygy we durnuklylygy pugtalandyrmagyň iň möhüm guraly hökmünde seredýändigini we bu çäkdäki hyzmatdaşlygy dünýäniň onlarça ýurtlary bilen ösdürýändigini aýratyn nygtap geçeliň.

**(Dowamy bar).**

***Amangeldi RAHMANOW,***
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň müdiri, Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi, Türkmenistanyň ussat diplomaty, professor, taryh ylymlarynyň doktory, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty.*

# STRATEGIC PARTNERSHIP FOR PEACE AND PROSPERITY

**Your Excellency, we are deeply honored to welcome you to our institute. Thank you for graciously dedicating your valuable time to meet with us. Allow me to begin with a question: Pakistan is one of our country's key partners. How do you envision the future of relations between our two nations?**



*B: First of all, let me offer my deep appreciation and gratitude to Madam Rector, who gave me the opportunity to visit this beautiful center and institute, which operates under the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan. We discussed many areas of potential collaboration between our two countries, and specifically between the institutes of Turkmenistan and Pakistan. Regarding your question on the future of our bilateral relations, let me say this: Pakistan was one of the first countries to recognize the independence of Turkmenistan and supported its independence. In 1995, Pakistan became the first country to endorse Turkmenistan's policy of neutrality. When the late president of Turkmenistan visited Islamabad in March 1995, the concept of Turkmen neutrality was born. Since then, Pakistan and Turkmenistan have developed extensive bilateral relations,*



*covering key areas such as political ties, defense cooperation, trade and commerce, and connectivity. I must say that one of the most significant projects between our countries is TAPI, the Turkmenistan-Afghanistan-Pakistan-India gas pipeline project.*

**Could you kindly share the current status of this important project?**

*B: Alhamdulillah, the first phase of the project within Turkmenistan has already been completed. The second phase, between the Turgundi and Herat border areas, has commenced. Pakistan is fully committed to realizing this project, which will supply over 33 billion cubic meters of gas to the participating countries. We are dedicated to the timely completion of TAPI and other related initiatives between Pakistan and Turkmenistan.*

**When discussing the TAPI project, one of the major considerations is security. Pakistan is recognized as one of the world's strongest nations. Additionally, as a member of the Shanghai Cooperation Organization, what role do you see the organization playing in this regard?**

*B: As a member of the Shanghai Cooperation Organization, Pakistan had the honor of hosting the Heads of Government Meeting Summit in Islamabad, where His Excellency Mr. Rashid Meredov, Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers and Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan, participated. During this summit, we held discussions with our leadership, including the Prime Minister and President of Pakistan, where both countries reaffirmed their commitment to the TAPI project, the Turkmenistan-Afghanistan transmission line project, the fiber optic project, and other areas identified for cooperation. Under the SCO framework, Pakistan is committed not only to promoting regional peace but also to enhancing connectivity between our nations. Pakistan is dedicated to improving trade and commercial relations between Pakistan and Turkmenistan. Ultimately, we aim to see a peaceful and secure Afghanistan, which will facilitate connectivity between Central Asia and Pakistan. I would also like to share that Pakistan is ready to provide full access to our seaports in Karachi and Gwadar, as Turkmenistan seeks opportunities for maritime access. As a brotherly nation, Pakistan is pleased to offer complete seaport facilities.*

**Your Excellency, we extend our heartfelt gratitude for the invaluable time you have spent with us today.**

*B: I must congratulate the Institute of International Relations for its role in fostering young leadership, equipping them to tackle the world's modern challenges. I am confident that this institute offers ample opportunities for students to engage with global leaders, senior diplomats, and policymakers who shape bilateral relations. I wish you all the best of luck.*

**As we conclude our conversation, may I ask if you would kindly share a piece of advice for future diplomats?**

*B: I believe consistency is key. The reason I emphasize this is because, in over 30 years of service, I have worked in various parts of the world — Africa, Europe, the Middle East, North America, Asia, and now Central Asia. Consistency is essential as you focus on bringing nations closer. As young diplomats, you carry a significant responsibility to foster strong relationships between nations. I hope that young diplomats from Turkmenistan will make substantial contributions toward building peace, progress, and prosperity, as envisioned by the leadership of Turkmenistan. The esteemed National Leader, His Excellency Gurbanguly Berdimuhamedov, is a wise leader who has provided new direction and vision for this country. I wish the young leaders the best of luck in raising Turkmenistan's profile regionally and globally.*

**Thank you very much for your insightful guidance to the next generation of diplomats. We wish your country continued success and prosperity.**

***Interview by: Seyran SOPYYEV,***
*the 3rd year student of the Faculty of International Journalism.*

***25-nji oktýabrda Türkmenistan-Türkiýe parlamentara dostluk toparynyň agzalarynyň Türkiýe Respublikasynyň Daşary ykdysady gatnaşyklar geňeşiniň başlygy Mahmut Er bilen duşuşygy boldy.***

# «KITAP OKAN GULLAR MAGNYDAN DOKDUR»

Kitap adamzat durmuşynyň deňsiz-taýsyz gymmatlygy, gaýtalanmajak oýlap tapyşydyr. Onda adam ahlagyny terbiýeleýji, dünýägaraýşyny, gözýetimini giňeldiji, zehinini ýiteldiji güýç bar. Adam durmuşda elmydama täze zatlary öwrenmäge, bilmäge ymtylýar, täzelenişleriň, üýtgeşikligiň höwesinde ýaşaýar. Şonda kitap onuň okamaga, bilmäge, öwrenmäge teşne kalbyny gandyrýar. Çünki kitap ruhy hazynadyr. Kitap okaýarka, onda-da oňa tutuş durky-düýrmegi bilen berilýärkä, adam özüni düýbünden başgaça duýýar. Sebäbi ol bahasyz hazyna aralaşandygyny, öz içki dünýäsiniň hem baýlaşýandygyny aňlaýar.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda häzirki wagtda Gahryman Arkadagymyzyň nusgalyk kitaplaryna, mähriban Watanymyzyň şanly taryhyna, onda müdimilik yz galdyran taryhy şahsyýetlere, alymlara we nusgawy şahyrlara, milli mirasymyzy gorap saklamaga derwaýys meseleleriň biri hökmünde garalýar. Şeýle hem türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabynda: «Biz kitaphon jemgyýeti kemala getirmelidiris. Munuň üçin dünýä tejribesinden nusga alyp, öz tejribelerimizi peýdalanyp, käbir zatlary has kämilleşdirip, milli öwüşginler bilen baýlaşdyryp bileris. Biz her ýylyň sentýabr aýynda ýol hereketiniň howpsuzlygynyň biraýlygyny yglan edýäris. Munuň örän netijeli bolandygyna hemmämiz şaýat. Edil şonuň ýaly, ýurdumyzda her ýylda kitap okamagyň biraýlygyny yglan etsek, has göwne makul bolar-



dy» diýip belläp geçýär. Şeýle çuňňur manyly sözlerden ylham alyp, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň «Ýaş alymlar geňeşiniň» guramagynda ýokary okuw mekdepleriň arasynda «Kitap marafony» yglan edildi. «Kitap marafonynyň» esasy maksady ýaşlarda peýdaly endikleri kemala getirmek, ýady, pikirlenmegi we hyýaly düşünjeleri ösdürmek, döredijilik ukybyny, söz baýlygyny artdyrmak bolup durýar. Sebäbi ýaş nesilleri watansöýüji, arassa ahlakly, belent adamkärçilikli, ruhubelent, giň dünýägaraýyşly, ylymly-bilimli adamlar edip ýetişdirmekde olaryň kitaba söýgüsini, okamak höwesini artdyrmagyň örän uly ähmiýeti bar. Munuň şeýledigini «Kitap marafonynyň» gatnaşyjylarda galdyran täsiri subut edýär.

***Sähet HALYKOW,***
***Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň 2-nji ýyl talyby:***

*— Hakykatdan-da, Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz biz – ýaşlaryň ylymly-bilimli, kämil ahlakly şahsyýetler bolmagymyz üçin zerur tagallalary edýärler. Ine, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda hereket edýän «Ýaş alymlar geňeşiniň» guramagynda yglan edilen «Kitap marafony» biz – ýaşlaryň ukyp-başarnyklarymyzy kämilleşdirmegimiz üçin uly mümkinçilik boldy. «Kitap marafony» üçin Gylyç Kulyýewiň «Emiriň ilçisi» atly romanynyň saýlanylyp alynmagy, biziň üçin gaty täsirli ýagdaý boldy. Elbetde, biz öz saýlap alan hünärimiz boýunça bilim alýarys, ýöne şu kitaby okamak bilen taryhyň sahypalaryna täzeden çuňňur aralaşýarys hem-de belli bir döwürde ýurdumyzyň daşary syýasatynda alnyp barlan işler barada düşünje alýarys.*

*Bäsleşik barada aýdylanda, ol gaty täsirli bolup, ähli gatnaşyjylar uly höwes, gyzyklanma bilen gatnaşýarlar. Pikir alyşmalaryň, test synaglarynyň üsti bilen, täze maglumatlary öwrenýäris. «Kitap marafonyna» gatnaşmaga isleg bildirýänleriň sanynyň barha artmagy Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň «Ýaş alymlar geňeşiniň» guramaçylyk işleriniň ýokary derejede alnyp barylýandygyny görkezýär.*

***Intizar TAGANNYÝAZOWA,***
*Halkara hukugy fakultetiniň III ýyl talyby.*

**Как известно, в настоящее время команда Института международных отношений МИД Туркменистана успешно участвует в первом чемпионате мира по русскому языку. Мы рады, что во втором туре конкурса наши студенты обогатили русский язык новыми словами на основе представленных условий и смогли написать очень эффектные тексты о наших повседневных вещах. Это означает, что они совершенствуют свои навыки посредством этого конкурса.**

## Дверь



Привет всем! Я дверь. И сразу скажу, что не какая-то межкомнатная, а входная! А теперь, начиная свою историю, в первую очередь, хотелось бы отметить тот факт, что, в принципе, я пользуюсь наибольшим доверием в доме. Все дома доверяют свой покой, досуг и незабываемые моменты мне! Тем же временем, каждый из домашних несколько раз за день регулярно видится со мной и даже "здоровается" за ручку. Но, как у всего на свете, не обходится и без ложки дёгтя. Несмотря на авторитет, которым я обычно пользуюсь, бывают моменты, когда хлопают мной, оставляют меня открытой, забывают закрывать, подолгу оставляют одну, а ведь по ночам нередко бывает зябко. Чуть не забыла сказать вам, что я совсем недавно появилась в семье моих домашних. А до этого гордо стояла на видном месте магазина мебели и дверей. И тем самым, у меня большие надежды на то, чтобы ещё долго служить моим домашним.

***Аннаберды КАШАНОВ,***
*студент IV курса факультета международной журналистики.*

## Роутер

Всем привет!!! Меня зовут Роутер. Я сердце этого трехкомнатного уютного дома. Моя жизнь началась, когда меня принесли в маленькой коробке, и дали мне почётное место — на пуфике. С того момента я стал мостом между этой дружной семьей и всем миром. Помню, когда семья собиралась за ужином, а дети, не дождавшись еды, подключались к интернету через меня. Я передавал их смех и радость, разочарование и злость, когда они играли в онлайн-игры или же смотрели видео. И видел, как родители с легкостью, не выходя из дома, решали свои проблемы одним кликом.



Бывало, что испытывал напряжение в моменты, когда сеть вдруг пропадала. В тот момент я чувствовал беспокойство и спешку, когда все пытались возобновить связь. Мои датчики мигали, передавая эмоции членов семьи.

В целом я люблю эту семью и считаю, что даже спустя время я останусь у них дома на своём пуфике, ведь я не просто пластмассовая коробка, а невидимая защита связей, свидетель обыденной жизни и теплых моментов, которые объединяют семью и мир.

***Оразджемал ЧАРЫЯРОВА,***
*студентка II курса факультета международной журналистики.*

***29 октября стало известно о том, что команда Института международных отношений МИД Туркменистана пробилась в 1/8 финала чемпионата мира по русскому языку, которая пройдет 2 — 5 ноября 2024 года.***

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
METBUGAT – ELEKTRON GAZETI / ELECTRONIC NEWSPAPER
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Baş redaktor
**Täzegül KULJIKOWA**

*Baş redaktoryň orunbasarlary:* M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
*Jogapkär kätip:* B.Garaýew.
*Jogapkär kätibiň orunbasary:* A.Kaşaňow.
*Bölüm müdiri:* J.Öwezowa.
*Edebi işgärler:* A.Ýazweliýew, O.Çaryýarowa, A.Nobatowa, Y.Hallyýew.
*Korrektor:* A.Döwletowa, M.Orazdurdyýewa.

*Redaksion geňeşiň agzalary:*
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, A.Gökleňow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.

E-mail:
hgi.redaksiya@gmail.com